Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2012-nji ýylyň 7-nji sentýabrynda 665 san bilen bellige alyndy

Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2012-nji ýylyň 10-njy awgustyndaky № 93-Ö buýrugy bilen tassyklandy

# Döwlet býujet edaralary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standarty 3

# „PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI BARADA HASABAT“

**Mazmuny** **Bölümleriň №**

Umumy düzgünler..........................................................................1-5
Kesgitlemeler..................................................................................6
Pul serişdeleriniň hereketi barada hasabaty bermek................................7-32
Maglumaty açmak.........................................................................33-34
Güýje girýän senesi.........................................................................35

## UMUMY DÜZGÜNLER

1. Şu standartyň maksady edaranyň pul serişdelerindäki we pul serişdeleriniň ekwiwalentlerindäki üýtgemeler hakynda maglumaty pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat görnüşinde bermegiň tertibini bellemekden ybaratdyr.

2. Maliýe hasabatlylygyny hasaplap ýazmak usuly boýunça taýýarlaýan we berýän edara pul serişdeleriniň hereketi barada hasabaty şu standartyň talaplaryna laýyklykda düzmelidir we ony maliýe hasabatlylygyny maliýe hasabatlylygynyň taýýarlanýan her bir döwri üçin özüniň maliýe hasabatlylygynyň düzüm bölegi hökmünde taýýarlamalydyr we bermelidir.

3. Edaranyň pul serişdeleriniň hereketi barada maglumatlar peýdalanyjylara edaranyň geljekde pul serişdelerine bolan islegini öňünden bilmäge, onuň geljekde serişdeleri emele getirip bilmek we onuň işiniň möçberinde we häsiýetinde bolup geçýän üýtgemeleri maliýeleşdirmek ukybyna baha bermäge mümkinçilik berýär. Şeýle hem pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat edara üçin hasabat döwrüniň dowamynda pul serişdeleriniň gelip gowşmagy we olaryň sarp edilişi boýunça hasabatlylyk serişdesi bolup durýar.

4. Pul serişdedeleri barada hasabat, ol maliýe hasabatlylygynyň beýleki görnüşleri bilen bir hatarda peýdalanylan ýagdaýynda peýdalanyjylara edaranyň arassa aktiwlerindäki/maýsasyndaky, onuň maliýe ýagdaýyndaky üýtgemelere (geçginliligi we tölege ukuplylygy goşmak bilen) we üýtgeýän şertlere hem-de mümkinçiliklere laýyk getirmek maksady bilen, tölegleriň we pul serişdeleriniň gelip gowuşýan möçberlerine we möhletlerine täsir etmek ukybyna baha bermek mümkinçiligini berýär. Şeýle hem maglumat dürli edaralaryň amal işiniň netijeleriniň deňeşdirilip bilinmegini gowulandyrýar, sebäbi şol bir amallary we

beýleki wakalary hasaba almak üçin dürli usullary ulanmagyň täsiri aradan aýrylýar.

5. Pul serişdeleriniň hereketi barada gaýdymlaýyn maglumatlar köplenç pul serişdeleriniň geljekki akymlarynyň ululygynyň, öz wagtyndalygynyň we anyklygynyň görkezijisi hökmünde peýdalanylýar.

## KESGITLEMELER

6. Şu standartda aşakdaky adalgalar peýdalanylýar:

**Pul serişdeleri** kassadaky, bank hasaplaryndaky pul serişdelerini we talap edilýänçä depozitleri öz içine alýar.

**Pul serişdeleriniň ekwiwalentleri –** geçginliligi ýokary bolan gysga möhletli, ýagny üzülmeli möhleti gysga, mysal üçin, alnan senesinden üç aý ýa-da ondan az bolan, pul serişdeleriniň belli bir möçberine ýeňil öwrüp bolýan, gymmatyň üýtgeme töwekgelçiliginiň täsirine düşmegi ujypsyz bolan serişdeler. Pul serişdeleriniň ekwiwalentleri maýa goýum we beýleki maksatlar üçin däl-de, köplenç halatda gysga möhletli pul borçnamalaryny üzmäge niýetlenendir.

**Pul serişdeleriniň akymlary –** pul serişdeleriniň we pul serişdeleriniň ekwiwalentleriniň gelip gowuşmagy ýa-da tölenmegi bolup durýar. Pul serişdeleriniň hereketi pul serişdeleriniň ýa-da pul serişdeleriniň ekwiwalentleriniň maddalarynyň arasyndaky dolanyşyklary öz içine almaýar, sebäbi, bu bölekler amallar, maýa goýum ýa-da maliýe işiniň däl-de, edaranyň pul serişdelerini dolandyrmagyň bir bölegi bolup durýar.

**Amallar işi –** edaranyň girdeji getirýän esasy işi we maýa goýum hem-de maliýe işinden tapawutlanýan beýleki işi.

**Maýa goýum işi –** uzak möhletli aktiwleriň we pul serişdeleriniň ekwiwalentlerine degişli bolmadyk beýleki maýa goýumlarynyň satyn alynmagy we çykyp gitmegi bilen baglanyşykly iş.

**Maliýe işi –** edaranyň geçirilen öz maýasynyň we karz alnan serişdeleriniň möçberindäki we düzümindäki üýtgemelere getirýän iş.

## PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI BARADA HASABATY BERMEK

7. Pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat döwürde pul serişdeleriniň hereketini amal, maýa goýum ýa-da maliýe işine bölmek bilen görkezmelidir.

8. Edara özüniň amal, maýa goýum ýa-da maliýe işinden gelýän pul serişdeleriniň hereketi barada maglumatlary özüniň hojalyk amallarynyň häsiýetine laýyklykda görkezýär. Işiň görnüşleri boýunça topara bölmek peýdalanyjylara işiň görkezilen görnüşleriniň edaranyň maliýe ýagdaýyna, onuň pul serişdeleriniň we olaryň ekwiwalentleriniň möçberine edýän täsirine baha bermäge mümkinçilik berýär. Şeýle hem bu maglumat işiň şu görnüşleriniň arasyndaky özara baglanyşyga baha bermek üçin peýdalanylyp bilner.

### Amal işi

9. Amal işinden gelýän pul serişdeleriniň hereketi edaranyň edara tarapyndan berilýän harytlary we hyzmatlary alyjylardan gelip gowuşýan pul serişdeleri bilen, üpjünçilik derejesiniň esasy görkezijisi bolup durýar.

10. Amal işinden gelýän pul serişdeleriniň hereketi köplenç edaranyň girdeji getirýän esasy işi bilen baglydyr. Amal işinden gelýän pul serişdeleriniň hereketiniň mysallary şulardan ybaratdyr:

a) harytlary ýerlemekden we hyzmatlary etmekden gelip gowuşýan pul serişdeleri;

b) grantlar ýa-da transfertler we beýleki goýberilýän serişdeler, ýa hökümet ýa-da beýleki edaralar tarapyndan berlen beýleki býujet ygtyýarlyklary görnüşinde gelip gowuşýan pul serişdeleri;

ç) roýalti, galam haklary, hyzmat haky görnüşinde gelip gowuşýan pul serişdeleri;

d) beýleki edaralaryň amallaryny maliýeleşdirmek üçin olara pul tölegleri (karzlardan başga);

e) harytlar we hyzmatlar üçin üpjün edijilere pul tölegleri;

ä) gullukçylara pul tölegleri we olaryň tabşyryklary boýunça pul tölegleri;

f) ätiýaçlandyryş edaralary babatynda annuitet şertnamalary we beýleki ätiýaçlandyryş polisleri boýunça ätiýaçlandyryş baýraklary we öwezini dolmalar görnüşinde gelip gowuşýan pul serişdeleri we tölegler;

g) täjirçilik ýa-da söwda maksatlary bilen baglaşylan şertnamalar boýunça gelip gowuşýan pul serişdeleri we tölegler;

h) bes edilýän amallardan gelip gowuşýan pul serişdeleri we tölegler; we

i) kazyýetiň çözgütleri bilen baglanyşykly gelip gowuşýan pul serişdeleri we tölegler.

Käbir amallar, hususan-da, enjamyň satylmagy, şol döwrüň peýdasy ýa-da ýitgisi hasaplananda hasaba alynýan peýdalaryň we ýitgileriň ýüze çykmagyna getirip biler. Emma pul serişdeleriniň şunuň ýaly amallar bilen baglanyşykly hereketi maýa goýum işinden gelýän pul serişdeleriniň hereketi hökmünde topara bölünýär.

11. Edara täjirçilik ýa-da söwda maksatlary üçin niýetlenen gymmatly kagyzlary we karzlary saklaýjy bolup biler hem-de şeýle ýagdaýda olara gaýtadan satmak üçin ýörite satyn alnan ätiýaçlyklar hökmünde seredilip bilner. Şeýlelikde, gymmatly kagyzlary satyn almagyň ýa-da satmagyň netijesinde ýüze çykýan pul serişdeleriniň hereketi amal işine degişli bolýar. Edil şonuň ýaly, jemgyýetçilik maliýe edaralary tarapyndan berilýän pul görnüşindäki hakujylar we karzlar, adatça amal işi hökmünde topara bölünýär, sebäbi olar maliýe edarasynyň esasy, düşewünt getirýän işine degişlidir.

## Maýa goýum işi

12. Maýa goýum işi bilen baglanyşykly pul serişdeleriniň hereketi barada maglumatlaryň aýratynlykda açylmagynyň möhüm ähmiýeti bardyr, sebäbi ol çykarylan harajatlaryň geljekde edara tarapyndan hyzmat etmek üçin niýetlenen

serişdelere näderejede gönükdirilendigini görkezýär. Maýa goýum işine degişli pul serişdeleriniň hereketine şular mysal bolup durýar:

a) esasy serişdeler, maddy däl aktiwler we işläp taýýarlamak üçin maýalaşdyrylan harajatlary hem-de esasy serişdeleriň özbaşdak gurlan ýagdaýyndaky tölegleri goşmak bilen, beýleki uzak möhletli aktiwler satyn alnanda pul görnüşindäki tölegler;

b) esasy serişdeleri, maddy däl aktiwleri we beýleki uzak möhletli aktiwleri ýerlemekden gelip gowşan pul serişdeleri;

ç) beýleki edaralaryň paý ýa-da bergi gurallary we bilelikdäki işe gatnaşma paýlary satyn alnanda pul görnüşindäki tölegler (pul serişdeleriniň ekwiwalentlerine degişli edilýän maliýe gurallaryndan we täjirçilik ýa-da söwda maksatlary üçin niýetlenen maliýe gurallary üçin töleglerden başga);

d) beýleki edaralaryň paý ýa-da bergi gurallaryny we bilelikdäki işe gatnaşma paýlaryny satmakdan gelip gowşan pul serişdeleri (pul serişdeleriniň ekwiwalentlerine degişli edilýän maliýe gurallaryndan we täjirçilik ýa-da söwda maksatlary üçin niýetlenen maliýe gurallary üçin gelip gowuşmalardan başga);

e) beýleki taraplara berlen pul tölegleri we karzlary (döwlet maliýe edaralary tarapyndan berlen hakujy töleglerden we karzlardan başga);

ä) beýleki taraplara berlen hakujylaryň we karzlaryň öwezini dolmakdan gelip gowuşýan pul serişdeleri (döwlet maliýe edaralary tarapyndan berlen hakujy töleglerden we karzlardan başga).

Şertnamanyň belli bir maddany hejirlemegiň guraly hökmünde hasaba alynýan mahalynda şol şertnama boýunça pul serişdeleriniň hereketi hejirlenýän maddanyň özi boýunça pul serişdeleriniň hereketi ýaly topara bölünýär.

**Maliýe işi**

13. Maliýe işinden gelýän pul serişdeleriniň hereketi barada maglumatlaryň aýratynlykda açylmagynyň möhüm ähmiýeti bardyr, sebäbi, bu maglumat edara maýa berýän taraplaryň talaplaryna laýyklykda, pul serişdeleriniň hereketini çaklamak üçin zerurdyr. Maliýe işinden gelýän pul serişdeleriniň hereketiniň mysallary şular bolup durýar:

a) obligasiýalary, zaýomlary, wekselleri, bondlary çykarmakdan, girewlerden we beýleki gysga möhletli karz almalardan gelip gowuşýan pul serişdeleri;

b) karzlar üzülende pul görnüşindäki tölegler; we

ç) maliýe kärendesi boýunça bergini üzmek üçin kärendeçiniň pul görnüşindäki tölegleri.

**Amal işinden gelýän pul serişdeleriniň hereketini görkezmek**

14. Edara amal işinden gelýän pul serişdeleriniň hereketi barada maglumatlary şularyň birini peýdalanmak bilen görkezýär:

a) göni usul, onda jemi pul gelip gowuşmalarynyň we tölegleriniň esasy görnüşleri barada maglumatlar açylýar;

b) gytaklaýyn usul, onda peýda ýa-da ýitgä pul serişdeleri peýdanylmazdan

amala aşyrylan amallaryň, edaranyň geçen we geljek döwürdäki amal işine degişli gaýra goýlan ýa-da hasaplanyp ýazylan amallaryň netijelerini we maýa goýum ýa maliýe işinden gelýän pul serişdeleriniň hereketi bilen baglanyşykly girdeji ýa-da çykdajy maddalaryny hasaba almak bilen düzediş girizilýär.

15. Edaralara amal işinden gelýän pul serişdeleriniň hereketini görkezmegiň göni usulyndan peýdalanmak maslahat berilýär. Göni usul pul serişdeleriniň geljekki hereketine baha bermek üçin gytaklaýyn usuldan peýdalanylanda alnyp bilinmejek zerur bolan maglumatlary üpjün edýär. Göni usul peýdalanylanda jemi gelip gowuşmalaryň we pul görnüşindäki tölegleriň esasy görnüşleri hakyndaky maglumat şunuň ýaly görnüşde alnyp bilner:

a) edaranyň buhgalterçilik hasaba alyş ýazgylaryndan; ýa-da

b) amal girdejilerine we amal çykdajylaryna (döwlet maliýe edarasy üçin göterim hem-de şoňa meňzeş girdejilere we çykdajylara), şeýle hem girdejiler we çykdajylar hasabatyň beýleki maddalaryna aşakdakylary hasaba almak bilen düzediş girizmek ýoly bilen:

döwrüň dowamynda ätiýaçlyklardaky we gündelik debitor algylardaky hem-de kreditor bergilerdäki üýtgemeleri;

beýleki pul däl maddalary; we

maýa goýum ýa-da maliýe işinden gelýän pul serişdeleriniň hereketi barada maglumatlary görkezýän maddalary.

16. Gytaklaýyn usul peýdalanylanda amal işinden alynýan pul serişdeleriniň arassa üýtgemegi, aşakda görkezilýän ýagdaýlary hasaba almak bilen, gündelik işden alynýan peýda ýa-da ýitgä düzediş girizmek ýoly arkaly kesgitlenýär:

a) döwrüň dowamynda ätiýaçlyklardaky we gündelik debitor algylary hem-de kreditor bergilerdäki üýtgemeleri;

b) ulanyş tutumy, baha berilýän gorlar, gaýra goýlan salgytlar, daşary ýurt puly bilen amallar boýunça peýdalanylmadyk (ýerlenmedik) peýdalary ýa-da ýitgileri;

ç) maýa goýum we maliýe işinden gelýän pul serişdeleriniň hereketini görkezýän beýleki ähli maddalary; şeýle hem

d) pul serişdeleriniň amal işi hökmünde topara bölünýän islendik adatdan daşary maddalaryň täsirini.

**Maýa goýum we maliýe işinden gelýän pul serişdeleriniň hereketini görkezmek**

17. Edara maýa goýum we maliýe işi bilen baglanyşykly ýüze çykýan jemi pul gowuşmalarynyň hem-de pul görnüşindäki tölegleriň esasy görnüşlerini aýratynlykda görkezmelidir, netto-esasda görkezilýän pul serişdeleri we tölegleri muňa girmeýär, mysal üçin:

a) pul serişdeleriniň hereketiniň edaranyň işini däl-de, beýleki tarapyň işini görkezýän halatynda, müşderileriň, salgyt töleýjileriň adyndan pul görnüşindäki gelip gowuşmalar we tölegler; we

b) dolanyşygyň çaltlygy, köp pul möçberleri we üzmegiň gysga möhletleri bilen tapawutlanýan maddalar boýunça pul görnüşindäki gelip gowuşmalar hem-de

tölegler.

**Daşary ýurt pulundaky pul serişdeleriniň hereketi**

18. Daşary ýurt pulundaky amallar boýunça pul serişdeleriniň hereketi daşary ýurt pulyndaky pul möçberleri babatynda pul serişdeleriniň hereketiniň ýüze çykan senesindäki ýagdaýa görä ulanylýan we daşary ýurt pulunyň arasyndaky çalşyk hümmetini ulanmak ýoly bilen, edaranyň ulanýan pulunda görkezilýär.

19. Daşary ýurt pulunyň çalyşyk hümmetiniň üýtgemeginiň netijesinde ýüze çykýan ýerlenmedik (peýdanylmadyk) peýdalar we ýitgiler pul serişdeleriniň hereketi bolup durmaýar. Emma çalyşyk hümmetiniň pul serişdelerine we daşary ýurt pulundaky saklanýan we alynmagyna garaşylýan pul serişdeleriniň ekwiwalentlerine edýän täsiri hasabat döwrüniň başyndaky we ahyryndaky ýagdaýa görä pul serişdelerini hem-de olaryň ekwiwalentlerini deňeşdirmek üçin, pul serişdeleriniň hereketi hakyndaky hasabatda görkezilýär. Emma bu pul möçberi amal, maýa goýum we maliýe işinden gelýän pul serişdeleriniň hereketinden aýratynlykda görkezilýär we pul serişdeleriniň gelip gowuşmagy hem-de tölegler hasabatlylykda hasabat döwrüniň ahyryndaky ýagdaýa görä pullaryň çalyşyk hümmetinden ugur alnyp görkezilen ýagdaýynda ýüze çykyp biljek tapawutlary öz içine alýar.

**Göterimler we diwidendler**

20. Göterimleri almak we tölemek bilen baglanyşykly ýüze çykýan pul serişdeleriniň gelip gowuşmagy hem-de tölegler aýratynlykda açylyp görkezilmelidir. Her bir şunuň ýaly gelip gowuşma ýa-da töleg bir döwürden beýleki döwre yzygiderlilikde, amal, maýa goýum ýa-da maliýe işinden gelen pul serişdeleriniň hereketi hökmünde topara bölünýär.

21. Döwrüň dowamynda tölenen göterimleriň umumy möçberi onuň girdejiler we çykdajylar barada hasabatda ýa-da hasaba alşyň ýol berilýän alternatiw usulyna laýyklykda maýalaşdyrylan hökmünde ykrar edilendigine garamazdan, pul serişdeleriniň hereketi barada hasabatda açylyp görkezilýär.

22. Tölenen diwidendler maýa goýum işinden gelen pul serişdeleriniň hereketine degişli edilip bilner, sebäbi, olar maliýe serişdelerini çekmek boýunça çykdajylar bolup durýar. Şol bir wagtyň özünde peýdalanyjylara edaranyň amal işinden gelip gowşan pul serişdelerinden diwidendleri tölemek ukybyna baha bermäge kömek etmek üçin tölenýän diwidendler amal işinden gelýän pul serişdeleriniň hereketine degişli edilip bilner.

**Gözegçilik edilýän, assosirlenen edaralara we bilelikdäki işe maýa goýumlary**

23. Assosirlenen ýa-da gözegçilik edilýän edara goýlan maýa goýumlary paýçy bolup gatnaşma ýa-da hakyky harajatlar esasynda usuly boýunça hasaba alnanda pul serişdeleriniň hereketi barada hasabatda maýa goýumçy bilen maýa

goýulýan obýektiň arasyndaky pul serişdeleriniň hereketi barada maglumat, mysal üçin, diwidendler we hakujylar bilen çäklenilýär.

24. Özüniň bilelikde gözegçilik edilýän kärhanadaky paýy hakynda deň ölçegli jebislendirme usulyny peýdalanmak bilen hasabat berýän edara özüniň pul serişdeleriniň hereketi barada öz hasabatyna bilelikde gözegçilik edilýän edara gelip gowşan pul serişdeleriniň we tölegleriniň deň ölçegli paýyny goşýar. Özüniň paýy hakynda paýçy bolup gatnaşma usulyny peýdalanmak bilen hasabat berýän edara pul serişdeleriniň hereketi barada öz hasabatyna bilelikde gözegçilik edilýän edara özüniň maýa goýumlary, özi bilen bilelikde gözegçilik edilýän edaranyň arasyndaky paýlanýan serişdeler we beýleki tölegler ýa-da gelip gowuşmalar bilen baglanyşykly gelip gowşan pul serişdelerini hem-de tölegleri goşýar.

### Gözegçilik edilýän edaralaryň edinilmegi we çykyp gitmegi

25. Gözegçilik edilýän edaralaryň edinilmegi we çykyp gitmegi netijesinde ýüze çykýan pul serişdeleriniň jemi hereketi aýratynlykda görkezilmelidir we maýa goýum işinden gelýän pul serişdeleriniň hereketi hökmünde topara bölünmelidir.

26. Gözegçilik edilýän edaralaryň satyn alnanda we çykyp gidende pul serişdeleriniň hereketiniň netijesiniň satyn alnan ýa-da satylan aktiwleriň we borçnamalaryň pul möçberlerini aýratyn açmak bilen bilelikde, aýratynlykda maddalaýyn görkezmek amal, maýa goýum we maliýe işiniň beýleki görnüşleri boýunça ýüze çykýan pul serişdeleriniň hereketinden gelýän pul serişdelerini hem-de töleglerini bölüp aýyrmaga kömek edýär. Satmakdan alnan pul serişdeleriniň hereketiniň netijeleri satyn alnan şoňa meňzeş aktiwden pul serişdeleriniň hereketiniň netijelerinden aýrylmaýar.

27. Satyn almak ýa-da satmak geleşigi boýunça tölenen ýa alnan pul serişdeleriniň umumy pul möçberi pul serişdeleriniň hereketi barada hasabatda alnan ýa-da tölenen pul serişdelerini we olaryň ekwiwalentlerini aýyrmak bilen görkezilýär.

### Pul däl amallar

28. Pul serişdeleriniň ýa-da olaryň ekwiwalentleriniň peýdalanylmagyny talap etmeýän maýa goýum we maliýe amallary pul serişdeleriniň hereketi barada hasabatdan aýrylýar. Şunuň ýaly amallar maliýe hasabatlylygynyň beýleki böleklerinde şeýle maýa goýum we maliýe işi hakyndaky ähli zerur bolan maglumaty üpjün eder ýaly görnüşde açylmalydyr.

29. Maýa goýum we maliýe işine degişli köp amallary, edaranyň arassa aktiwleriniň/maýasynyň we aktiwleriniň gurluşyna täsir edýän hem bolsa, pul serişdeleriniň gündelik hereketine gönüden-göni täsir etmeýär. Şeýle amallaryň pul serişdeleriniň hereketi barada hasabatdan çykarylmagy hasabatyň maksadyna laýyk gelýär, çünki bu maddalar şu döwürde pul serişdeleriniň hereketiniň ýüze çykmagyna sebäp bolmaýar. Pul däl amallaryň mysallary şulardan ybaratdyr:

a) aktiwleri çalyşmak, olara degişli borçnamalary gönüden-göni kabul etmek ýoly bilen ýa-da maliýe kärendesi arkaly aktiwleri edinmek; we

b) bergi borçnamalaryny paý gurallaryna çalyşmak.

**Pul serişdeleriniň we pul serişdeleriniň ekwiwalentleriniň düzüm bölekleri**

30. Edara pul serişdeleriniň we olaryň ekwiwalentleriniň düzümini açýar we pul serişdeleriniň hereketi barada hasabatda görkezilen pul möçberlerini maliýe ýagdaýy barada hasabatda görkezilen meňzeş maddalar bilen deňeşdirmäni görkezýär.

31. Pul serişdelerini dolandyrmagyň usullarynyň köpdürlidigini nazara alyp, "Maliýe hasabatlylygyny bermek" DBEMHMS-yny ýerine ýetirmek maksady bilen, edara pul serişdeleriniň we olaryň ekwiwalentleriniň düzümini kesgitlemek üçin kabul edilen syýasaty açýar.

32. Pul serişdeleriniň we olaryň ekwiwalentleriniň düzüm böleklerini kesgitlemek üçin syýasat babatynda hasaba alyş syýasatyndaky islendik üýtgemeler, mysal üçin, ozal edaranyň maýa goýum bukjasynyň bir bölegi hasap edilen maliýe gurallarynyň topara bölünişindäki üýtgemeleriň hasabatda "Hasaba alyş syýasaty, buhgalterçilik bahalandyrmalardaky üýtgetmeler we ýalňyşyklar" DBEMHMS-yna laýyklykda görkezilýär.

## MAGLUMATY AÇMAK

33. Edara ýolbaşçylaryň teswirleri bilen bilelikde, özünde bar bolan, ýöne peýdalanmak üçin elýeterli bolmadyk pul serişdeleriniň we olaryň ekwiwalentleriniň degerli galyndylarynyň pul möçberini açmalydyr.

34. Edaranyň maliýe ýagdaýyna we geçginlilik derejesine düşünmek üçin goşmaça maglumatlaryň açylmagy maliýe maglumatyndan peýdalanyjylara peýdaly bolup biler. Şunuň bilen baglanyşykly, düşündiriş ýazgysynda teswirler bilen bilelikde şu maglumatlary açmak maslahat berilýär:

a) şeýle karzlary peýdalanmak boýunça bar bolan ähli çäklendirmeleri görkezmek bilen, geljekki amal işini maliýeleşdirmäge we düýpli harajatlar boýunça borçnamalary ýerine ýetirmäge gönükdirilip bilinjek peýdalanylmadyk karz serişdeleriň pul möçberini;

b) bilelikdäki işe gatnaşma paýy bilen baglanyşykly, olar hakyndaky maglumatlary deň ölçegli jebislendirmek usuly boýunça görkezilýän amal, maýa goýum we maliýe işinden gelip gowuşýan pullaryň we tölegleriň umumy möçberini; we

ç) çäkli pul serişdeleriniň ululygyny we häsiýetini.

## GÜÝJE GIRÝÄN SENESI

35. Maliýe hasabatlylygynyň şu standarty 2013-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girýär.

## Goşundy

Şu standart jemgyýetçilik bölegi üçin maliýe hasabatlylygynyň halkara standarty 2 „Pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat“ (IPSAS 2007) laýyklykda işlenip düzüldi, muňa şular girmeýär:

käbir bölümleriň düşnükli bolmagy üçin olara düzediş girizildi;

maliýe edaralary tarapyndan pul serişdeleriniň hereketi barada hasabatyň tabşyrylmagyna degişli düzgünler aýryldy;

daşary ýurtdaky gözegçilik edilýän edaranyň hasabatlylygy gaýtadan hasaplananda pul serişdeleriniň hereketi barada hasabatyň berilmegine degişli düzgünler aýryldy;

maýa goýum ýa-da maliýe işinde göterim girdejileri (çykdajylary) görnüşinde pul serişdeleriniň hereketini görkezmäge degişli düzgünler aýryldy;

amal işinden alnan diwidendleriň mümkin bolan görkezilmegine degişli düzgünler aýryldy;

amal işinden tölenen diwidendleriň mümkin bolan görkezilmegine degişli düzgünler aýryldy;

maglumatlary açmaga bildirilýän käbir talaplar aýryldy.